# Noýabr geldi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Noýabr geldi NOÝABR GELDI

Daglaryñ başyna sellesin orap,
Güýz nepesi bilen noýabr geldi.
Argyn tebigatyñ halyny sorap,
Oña gujak geren noýabr geldi.

Mele ýerde ýatyr baglañ balasy,
Ganat açyp, uçdy bilbil lälesi,
Ýellerde ýañlanyp gyşyñ nalasy,
Daýhana güýç beren noýabr geldi.

Türkmen sährasyny örtüp dumana,
Buldy ýorgan edip ýapdy asmana,
Otuz günlük ýola gadam basmana,
Mydam ruhubelent noýabr geldi.

Aşyklaryñ şäherini arzuwlap,
Aşgabadyñ dostluk ýollaryn suwlap,
Görki bile şahyr ýüregmi awlap,
Ylham bolup ýene noýabr geldi.

Meýlis GARAÝAJEW,
Aşgabat şäheri. Goşgular